THE ASHGABAT TIMES

# USAID-IŇ IŞGÄRI ÄNJALI KAUR WE TÜRKMENISTANYŇ RESMI ADAMLARY ARAGATNAŞYKLARY ARTDYRMAK ARKALY DOLANDYRYŞY WE DURNUKLYLYGY GÜÝÇLENDIRÝÄR

**024-nji ýylyň 2-nji oktýabry:** Änjali Kaur, USAID-iň Aziýa buýrosy boýunça administratoryň orunbasarynyň kömekçisi (DAA), Merkezi Aziýa boýunça sebit saparynyň çäklerinde Türkmenistan bilen ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy güýçlendirmek maksady bilen Türkmenistana bardy.  DAA Kaur we ilçi Rud, Türkmenistanyň Hökümetiniň esasy wekilleri bilen, şol sanda Daşary işler ministrligi, Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Daşky gurşawy goramak ministrligi, Türkmengaz we Türkmennebit bilen duşuşdy.  Bu sapar, USAID Türkmenistanyň durnukly ösüşini we netijeli dolandyryşyny öňe sürmäge taýýardygyny görkezýär.



DAA Kaur öz duşuşyklarynda ykdysady diwersifikasiýa, daşky gurşawy goramak we gatnaşmak arkaly dolandyryş bilen baglanyşykly möhüm başlangyçlary maslahatlaşdy.  Bu, howanyň üýtgemegine garşy göreşmek we sebitdäki serhetara söwdany ýeňilleşdirmek ýaly möhüm sebitleýin başlangyçlary öz içine alýar.

COP 28-de (28-nji Taraplaryň Maslahaty) Türkmenistan Global Metan Ähtnamasyna goşulmak bilen, howanyň üýtgemegine garşy göreşmekdäki borçnamasyny aýdyň görkezdi. USAID metan zyňyndylaryny we uglerody azaltmakda Türkmenistan bilen işleşýär.

Все права защищены

22.11.2024

Şeýle hem, USAID Türkmen ykdysadyýetini sanlylaşdyrmakda Döwlet Statistika Komiteti bilen bilelikde statistik hasabatlaryň sanly görnüşde tabşyrylmagyny goldaýar.  USAID Türkmen gümrük işgärlerine Harytlaryň Halkara Utgaşdyrylan Düşündiriş we Kodirleme ulgamy arkaly harytlary klassifikasiýalaşdyrmak boýunça bilelikdäki okuwy goldady.

Maliýe we Ykdysadyýet Ministrligi bilen geçirilen duşuşykda Kaur, USAID we Türkmenistanyň hökümeti bilen eksporty köp ugurlylaşdyrmak, maýa goýumlary çekmek hem-de Bütindünýä Söwda Guramasyna agza bolmak ugrunda gidip duran hyzmatdaşlyga ünsi çekdi.

“Biz bilelikde ykdysady taýdan güýçli we köpugurly, ekologiýa taýdan durnukly, şeýle hem Türkmenistanyň raýatlarynyň ýagty geljege bolan umyt-arzuwlaryny goldaýan durnukly geljegi gurýarys” diýip, Änjali Kaur aýtdy.  “USAID Türkmenistanyň has rowaçly jemgyýete tarap ýolunda goldaw bermäge ygrarlydyr.”

Все права защищены